CHALASYN

«KÄMILLIGI BILELIKDE GURMAK»

# IŞ ETIKASYNYŇ KODEKSI ÜPJÜN EDIJILER WE POTRATÇYLAR

Baryşyň ýokary standartlaryna özüniň birkemsiz gatnaşygy mälimdir

## BIZIŇ MISSIÝAMYZ

Islendik wagtda we islendik gurşawda biziň müşderilerimiziň, biziň işgärlerimiziň we biziň işleýän jemgyýetimiziň bähbidi üçin işewürligiň

## BIZIŇ STANDARTLARY

Biziň üçin müşderişlere hyzmat etmegiň we işiň hiliniň ýa-da öndürilen önümiň


Turkmenistan, 744 000 Ashgabat, 45 Aba Annaev str.

+99365070040

cobe@ishengir.com

chalasyn

IŞ ETIKASYNYŇ KODEKSI

**MAZMUNY**


- 1. Giriş
- 2. Kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna laýyklyk tejribesi
- 3. Täjirçilik işini alyp barmagyň tejribesi
- 4. Zähmetigoramak we tehniki howpsuzlyk
- 5. Işe ýerleşdirmektejribesi
- 6. Durnukly ösüşi üpjün ediş tejribesi
- 7. Haýwanlar babatda ahlakly bolmak
- 7.1 Üpjün edijiler we potratçylar üçin şu ahlak kodeksiniň berjaý edilmegi
- 7.2 Müşderileriň ahlak kodeksleriniň berjaý edilmegi
- 7.3 Täjirçilik işiniň üznüksizligini üpjün etmek we howply ýagdaýlary düzgünleşdirmek
- 7.4 Içerki barlag ulgamlarynyň we üpjün edijileriň hem potratçylaryň işiniň netijeliliginiň auditleri
- 7.5 Ýolbaşçylygyň hasabat bermekligi we jogapkärçiligi
- 7.6 Derňew edaralary bilen hyzmatdaşlyk we laýyklygyň auditleri
- 7.7 Şübheli özüňi alyp barmak barada ýa-da bolup biljek bozulmalar barada habar bermek

## 1. GIRIŞ



"Çalasyn" kompaniýasy öz işini elmydama halal we ýuridik şahsyň işini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna doly laýyklykda amala aşyrmaly. Şuňa esaslanyp, "Çalasyn" kompaniýasynyň "Potratçylar we üpjün edijiler üçin işewürlik ahlak kodeksi" (mundan beýläk – Kodeks) işewürlik tejribesiniň we kada laýyklygynyň käbir standartlaryny belleýär, olar diňe "Çalasyn" kompaniýasynyň ähli işgärlerine we wezipeli şahslaryna görä ulanylman, eýsem potratçylara we üpjün edijilere görä hem ulanylýar. Kodeks biziň gymmatlyklarymyzy we ýurdumyzyň hem raýatlarymyzyň iň gowy geljegi babatda biziň borçnamalarymyzy şöhlelendirýär, şol sanda ahlak işewürlik tejribesini, hünär standartlarynyň ýokary derejesini we kada laýyklygyny.

"Çalasyn" kompaniýasy özüniň potratçylaryndan we üpjün edijilerinden halallygy berjaý etmek boýunça borçnamanyň görnüşini we mazmunyny ýaýradylmagyna we peýdalanylmagyna garaşýar. Biziň potratçylarymyza we üpjün edijilerimize görä ulanylýan we şu Kodekse goşulan düzgünler biziň kompaniýamyzyň jemgyýetçilik saýtynda görkezilendir.



Potratçylar we üpjün edijiler üçin şu Kodeks "Çalasyn" kompaniýasynyň potratçysynyň we üpjün edijisiniň ýa-da potratçysynyň we müşderisiniň, şol sanda potratçynyň we üpjün edijiniň hyzmatlary we harytlary berýän işgärleriniň özara hereketlerine görä ulanylýar. "Potratçy" ýa-da "üpjün ediji" diýip, biz "Çalasyn" kompaniýasyna ýa-da gytaklaýyn onuň müşderilerine hyzmatlary we harytlary berýän islendik ýuridik ýa-da fiziki şahsa düşünýäris. Biz potratçylaryň we üpjün edijileriň garaşsyz şahslar bolup durýandygyna düşünýäris, ýöne potratçynyň we üpjün edijiniň işewürlik tejribesi bize, biziň iň wajyp aktiwlerimiziň biri bolan – kompaniýamyzyň abraýyna düýpli täsir edip biler, şunuň bilen baglanyşykly "Çalasyn" kompaniýasy

ähli potratçylaryň we üpjün edijileriň hem-de olaryň işgärleriniň we kömekçi potratçylarynyň we olaryň wekilleriniň "Çalasyn" kompaniýasy bilen ýa-da onuň adyndan müşderileriň peýdasyna täjirçiligi alyp barmagyň dowamynda agent ýa-da wekil hökmünde hereket edip, şu Kodeksi berjaý etjekdiklerine tama edýär. Ähli potratçylar we üpjün edijiler özleriniň wekillerini gözükdirmelidirler we olaryň şu Kodekse düşünmeklerine we ony berjaý etmeklerine gözegçilik etmelidirler. Bulardan başga-da, biziň potratçylarymyzyň we üpjün edijilerimiziň wekilleri "Çalasyn" kompaniýasynyň işgärleri ýa-da onuň müşderileri bilen we "Çalasyn" kompaniýasynyň adyndan hereket edip, gaýry üçünji taraplar bilen özara hereket edip, özlerini elmydama hormatly we medeniýetli alyp barmaga borçludyr.

Biz täjirçilik işimiziň uzak möhletleýin geljekde durnukly ösüşiniň üpjün edilmegine ygrarlydyrys. Bu diýildigi, biziň komňaniýamyzyň diňe bir sataşýan maliýe, durmuş we ekologik töwekgellikleri üstünlikli dolandyrmagyny aňlatman, eýsem barabar hereketleri amala aşyrmakda müşderilerimize ýardam berilmegini hem aňladýar, şunuň diňe dogry bolany üçin däl-de, eýsem şunuň müşderiler, işgärler, jemgyýet we biziň pudagymyz üçin dowamly netijeliligi üpjün edýändigi üçindir. Biziň şu günki edýän ähli işimiz eýýäm şu gün has gowy geljegiň döremegine ýardam eder.



## 2. KADALAŞDYRYJY-HUKUK NAMALARYNA LAÝYKLYK TEJRIBESI



"Çalasyn" kompaniýasy bilen ýa-da onuň adyndan müşderileriniň peýdasyna hyzmatdaşlyk amala aşyrylanda, "Çalasyn" kompaniýasynyň ähli potratçylary we üpjün edijileri hem-de olaryň wekilleri täjirçilik işini Türkmenistanyň ulanylýan kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna doly laýyklykda, beýleki ýurtlarda bolan halatynda ýa-da işini amala aşyran halatynda bolsa, bolýan ýurdunyň kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna laýyklykda alyp barmaga borçludyrlar. Aýratyn borçnamalardan başga, "Çalasyn" kompaniýasynyň potratçylar we üpjün edijiler bilen ylalaşygynyň esasynda aşakdaky borçnamalary hem bar:



- Türkmenistanyň we öz işini amala aşyrýan ýurdundaky korrupsiýa garşy kanunçylygyny, şol sanda indiki kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny berjaý etmeli: Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda Türkmenistanyň kanuny, Daşary ýurtlarda korrupsiýa hakynda ABŞ kanuny, Parahorluga garşy göreşmek hakynda Beýik Britaniýanyň kanuny ýa-da Korrumpirlenmedik kompaniýalar hakynda Braziliýanyň kanuny, şeýle hem dünýäniň islendik ýurdunda işewürlik mümkinçiliklerini almak ýa-da saklap galmak üçin müşderileri, döwlet gullukçylaryny ýa-da döwlet kärhanalarynyň işgärlerini ýa-da gaýry şahslary öz ygtyýarlyklaryna hyýanat etmeklerini mejbur etmek maksady bilen, olaryň peýdasyna bikanun ýa-da göni däl tölegleri teklip etmeli däl, amala aşyrmaly däl we wada bermeli däl. biziň syýasatymyz puluň mukdaryna garamazdan "höweslendiriji tölegleriň" berilmegini göz öňünde tutmaýar;



- Täjirçilik işini ýurisdiksiýany düzgünleşdirýän monopoliýa garşy kanunçylyga doly laýyklykda alyp barmaly we täjirçilik işini ak ýürekli alyp barmagyň standartlaryny berjaý etmeli;
- Pullaryň kanunlaşdyrylmagyna we bikanun alnan serişdeleriň kanunlaşdyrylmagyna garşy kanunçylyga laýyk gelmeli, hiç haçan pullary kanunlaşdyrmagyň we bikanun alnan serişdeleri kanunlaşdyrmagyň shemalaryna düşüniň gatnaşmaly däl, kassa amallarynyň ölçegini peseltmeli däl we kanunyň tersine salgyt jogapkärçiliginden gaçmaly däl;
- Daşky gurşawy goramak boýunça ähli kanunlary we howply materiallar, atmosfera zyňylmalar, galyndylary we hapa suwlary taşlamak, şol sanda şeýle materiallary öndürmek, daşamak, saklamak, gaýtadan ulanmak we çykarmak babatda dessurlary berjaý etmeli;
- Ýaşyryn maglumat, şol sanda şahsy ýa-da gizlin maglumat, maglumatlaryň goragy we maglumatlaryň serhet üsti geçirilmegi babatda ähli kanunlary we kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny berjaý etmeli;
- Döwlet düzgünleşdiriji we gözegçilik edaralary we döwlet gullukçylary bilen özara hereket edilende dogruçyl, gönümel we ýüz görmeýän bolmaly;



- Gulçulygyň häzirki zaman görnüşine garşy hereket etmek hakynda kanunlary berjaý etmeli. Häzirki zaman gulçulyk – bu jenaýat we adamyň esasy hukuklarynyň bozulmagydyr. Ol gulçulyk, elgarama ýagdaý,
- mejbury zähmet we adam söwdasy ýaly dürli görnüşlere eýe bolýar. Biz häzirki zaman gulçulyk meselesine doly ykrar etmezlik nukdaýnazardan garaýarys we biziň täjirçilik işimizde häzirki zaman gulçulyga ýol bermezlik maksady bilen netijeli gözegçilik ulgamlaryny we serişdelerini işjeň ulanmagy niýet edinýäris. Biz edil şular ýaly ýokary standartlaryň berjaý edilmegini ähli potratçylardan we üpjün edijilerden garaşýarys we biziň şertnamalarymyzyň ýerine ýetirilmeginiň çäklerinde biz mejbury zähmeti ulanmak we adam söwdasy babatda, şeýle hem gulçulyk ýa-da ulularyň ýa-da çagalaryň elgarama ýagdaýy

babatda ýörite gadaganlyklary ulanýarys. Biz potratçylarymyzyň we üpjün edijilerimiziň şeýle ýokary standartlary özleriniň potratçylary we üpjün edijileri üçin bellemeklerini talap edýäris;



- Ulanylýan ähli söwda çäklendirmeleri we sanksiýalary berjaý etmeli we jenaýatçylykly ýa-da terrorçylykly iş bilen gatnaşyklarda şübhelenýän fiziki we ýuridik şahslary ýa-da söwda sanksiýalaryna we çäklendirilmelere degişli bolanlary düşünip işe kabul etmeli däl we täçirçilik işini alyp barmaly däl;
- “Çalasyn” kompaniýasynyň tabşyran işini alyp barmaga zerur bolan ähli ygtyýarnamalary we rugsatnamalary almaly.

## 3. TÄJIRÇILIK IŞINI ALYP BARMAGYŇ TEJRIBESI

"Çalasyn" kompaniýasynyň üpjün edijileri we potratçylary we olaryň wekilleri özüniň täjirçilik işini halal we özleriniň borçnamalaryna laýyklykda, "Çalasyn" kompaniýasy bilen ylalaşyklaryň çäklerinde alyp barmaga borçludyr, şol sanda müşderiler üçin wekil hökmünde, ýa-da "Çalasyn" kompaniýasynyň müşderileri bilen, eger "Çalasyn" kompaniýasy üpjün edijiler we potratçylar bilen müşderileriň wekili hökmünde çykyş edýän bolsa. Şeýle borçnamalardan başga, biziň ähli üpjün edijilerimiz we potratçylarymyz şulara borçludyrlar:



- Ulanylýan ähli hukuk talaplaryna laýyklykda işewürlik ýazgylaryny döretmeli, saklamaly we olara eýelik etmeli;
- "Çalasyn" kompaniýasynyň ýa-da biziň müşderilerimiziň fiziki we intellektual aktiwlerini, şol sanda olaryň emlägini, materiallaryny we enjamlaryny goramaly we jokapkärçilikli peýdalanmaly;
- "Çalasyn" kompaniýasynyň ýa-da biziň müşderilerimiziň beren maglumat tehnologiýalaryny we ulgamlaryny, şol sanda elektron habarnamalary we durmuş torlarynyň ähli platformalaryny diňe täjirçilik işi bilen baglanyşykly rugsat berlen maksatlar üçin ulanmaly. "Çalasyn" kompaniýasy üpjün edijilere we potratçylara we olaryň wekillerine "Çalasyn" kompaniýasynyň ýa-da onuň müşderileriniň beren tehnologiýalaryny we ulgamlaryny gorkuzyjy, yzarlaýjy, haýbat atyjy, göwne degiji bolup durýan, mese-mälim jynsy ýa-da özge dil ýetiriji ýa-da gelşiksiz häsiýetli materialy döretmek, saklamak, çap etmek, bermek ýa-da ugratmak üçin

peýdalanmagy ýa-da şeýle maglumat aktiwlerini we ulgamlaryny ulanmak bilen hyýaly, geleňsiz ýa-da jenaýatçylykly habarlary ugratmagy gadagan edýär;

- Müşderiniň ýa-da "Çalasyn" kompaniýasynyň içki korporatiw toruna, ulgamlaryna we jaýlaryna rugsat almak şerti hökmünde parollary saklamak, ýaşyrynlygy üpjün etmek we howpsuzlyk boýunça "Çalasyn" kompaniýasynyň we onuň müşderisiniň ähli talaplaryny berjaý etmeli. "Çalasyn" kompaniýasyna ýa-da onuň müşderisine degişli bolan ýa-da kärendesine alnan enjamlarynda saklanylýan ýa-da olaryň üsti bilen ugradylýan ähli maglumatlar ýaşyryn hasap edilmeli we "Çalasyn" kompaniýasynyň ýa-da şeýle müşderiniň emlägi bolup durýar. "Çalasyn" kompaniýasy korporatiw torlaryň ýa-da ulgamlaryň, şol sanda elektron poçtanyň we sosial torlarynyň beýleki platformalarynyň ulanylmagyna gözegçilik edip we "Çalasyn" kompaniýasynyň tory ulanylyp saklanylýan ýa-da ugradylýan ähli habarlara we maglumatlara aralaşmany, syn etmäni we olaryň işlenip taýýarlanylmagyny amala aşyryp biler. Edil şunuň ýaly hereketleri müşderiler ýerine ýetirip bilýär. "Çalasyn" kompaniýasynyň ýa-da onuň haýsydyr bir müşderisiniň beren tehnologiýalary babatda ýaşyrynlyk göz öňünde tutulmady;



- "Çalasyn" kompaniýasynyň, onuň müşderileriniň we beýleki şahslaryň intellektual emläge bolan eýeçilik hukugyny berjaý etmeli, şol sanda awtorlyk hukuklaryny, patentleri, haryt nyşanlary we täjirçilik syrlary. Programma üojünçiligini, enjamlary we kontenti diňe ygtyýarnama ýa-da peýdalanyş şertlerine laýyklykda ulanmaly;



- Eger üpjün ediji, potratçy ýa-da wekil ýazmaça görnüşinde "Çalasyn" kompaniýasynyň ýolbaşçylygy ýa-da onuň müşderisi tarapyndan ygtyýarlandyrylan ýagdaýynda, diňe şu

halatda "Çalasyn" kompaniýasynyň ýa-da onuň müşderisiniň adyndan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bilen gatnaşmaly;

- "Çalasyn" kompaniýasynyň işgärlerine ýa-da onuň müşderilerine sowgatlary ýa-da tomaşalary teklip etmek bilen, paýhaslylygy, seresaplylygy we aramlylygy görkezmeli. Şunda üpjün edijiniň, potratçynyň ýa-da olaryň wekilleriniň "Çalasyn" kompaniýasynyň işgärlerine ýa-da onuň müşderilerine Kodeksi bozýan şahsy sowgatlary ýa-da sowgatlar toplumyny ýa-da tomaşalary teklip etmäge hukuklary ýokdur, şol sanda eger olar kimdir biriniň işewürlik çözgüdine talaba laýyk bolmadyk täsir etmäge synanyşygy bolup durýan bolsa. Islendik halatda üpjün edijiniň we potratçynyň hiç bir halatlarda işewürlik mümkinçiliklerini almaga ýa-da saklap galmaga kömek edip biljek ýa-da işewürlik çözgüdine göz üçin täsirini döredýän, "Çalasyn" kompaniýasynyň işgärlerine ýa-da onuň müşderisine para, harytlary we hyzmatlarybarter bilen tölegini ýa-da özge islendik höweslendirmäni teklip etmäge haky ýokdur;



- Hyýaly ýa-da hakyky gelişmejek hereketlerden ýa-da bähbitleriň dawalaryndan gaça durmaly. Üpjün edijiler, potratçylar ýa-da olaryň wekilleri "Çalasyn" kompaniýasynyň wekilleri bilen gös-göni hyzmatdaşlyk etmäge haky ýokdur, eger şol işgäriň äri ýa-da aýaly, ýa-da özge maşgala agzasy ýa-da garyndaşy üpjün edijiniň we potratçynyň kärhanasynda düýpli maliýe bähbitlerine eýe bolsalar. Üpjünçi, potratçy bilen ylalaşygy ara alyp maslahatlaşmagyň ýa-da hyzmatdaşlygyň çäklerinde üpjünçiniň we potratçynyň borçlaryny ýerine ýetirmegiň dowamynda "Çalasyn" kompaniýasynyň işgäri ýa-da onuň müşderi bolup durýan äri ýa-da aýaly, ýa-da özge maşgala agzasy ýa-da garyndaşy bilen gös-göni bilelikde hereket etmek hem gadagandyr.
- Giň köpçüligi üçin elýeterli bolmadyk we ýaşyryn bolup durýan we satyn almak ýa-da satyn almakdan boýun gaçyrmak barada soňraky çözgüde täsir edip biljek, "Çalasyn" kompaniýasy ýa-da onuň müşderisi barada wajyp maglumata eýe bolan halatynda, "Çalasyn" kompaniýasynyň ýa-da onuň müşderisiniň aktiwlerini satyn almakdan ýa-da satmakdan boýun gaçyrmak görnüşinde insaýderlik maglumatlary ýaýratmakdan gaça durmaly.

- ″Çalasyn″ kompaniýasynyň maglumat torlarynyň we maglumatlar bazalarynyň ähli görnüşlerinden ýa-da "Çalasyn" kompaniýasynyň ýa-da onuň müşderileriniň maglumatlarynyň ýitmegine, ogurlanmagyna ýa-da zeperlenmegine getirip biljek elektron ulgamlaryna we maglumatlar bazasyna aralaşma synanyşyklaryndan goramak üçin paýhasly çäreleri görmeli.

## 4. ZÄHMET GORAMAK WE TEHNIKI HOWPSUZLYK

Biz hünär şikesleriniň we keselleriniň öňi alynýan, şeýle hem ähli işgärleriň öz öýlerine maşgalalaryna howpsuz dolanmagyny kepillendirýän iş ýerlerini üpjün etmek taglymyna doly ygrarlydyrys. Şu maksada özbaşdak ýetmejekdigimize düşünýäris we şu ýagdaýda bize ähli işewür hyzmatdaşlarymyzyň, şol sanda biziň üpjün edijilerimiziň we potratçylarymyzyň goldawy, jogapkärçiligi we meýilliligi gerek. Biziň korporatiw ymtylmalarymyz zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk boýunça syýasatda beýan edilýär we biz potratçylarymyzdan we üpjünçilerimizden we olaryň wekillerinden howpsuzlygy üpjün etmegiň meňzeş maksatlaryny gazanmaga ymtylmalary garaşýarys. Munda başga, minimal talap hökmünde biz potratçylarymyzdan we üpjün edijilerimizden we olaryň wekillerinden şulara garaşýarys:



- Türkmenistanyň zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk çygryndaky ähli degişli kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny, Türkmenistanyň çäklerinden daşynda işleri amala aşyrmak bbabatda bolsa – bolýan ýurdunyň kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny, şeýle hem müşderiniň, "Çalasyn" kompaniýasynyň ýa-da pudagyň talaplaryny berjaý etmeklerine;
- howpsuz iş gurşawyny üpjün etmekde medeniýetli çemeleşmäni görkezmeklerine;
- işgärleriň hünär derejesine gözegçilik etmeklerine we howpsuz işlemek üçin olaryň enjamlar bilen üpjün etmeklerine;
- potratçynyň we üpjün edijiniň işine laýyk gelýän, zähmeti goramagy we tehniki howpsuzlygy üpjün ediş tertiplerini işläp taýýarlamaklaryna, şeýle hem degişli öňde baryjy tejribäni berjaý etmeklerine;
- howpsuzlygy dolandyrmak üçin serişdeler bilen üpjün etmeklerine, şeýle hem işgärleriň howpsuzlyk standartlaryna we iş tertiplerine düşünmeklerine we dogry ulanmaklaryna;



- "Çalasyn" kompaniýasyna ýa-da onuň müşderilerine hyzmatlar berlende ýa-da harytlar eltilende zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk bilen balanyşykly bolup geçýän islendik wakalar barada "Çalasyn"

kompaniýasyny dessine habar bermeklerine;

- potratçynyň we üpjün edijiniň gözegçiliginde bolýan işgärleriň ýa-da gaýry şahslaryň ýaraglaryň islendik görnüşini ýa-da şikes ýetirip biljek närseleri "Çalasyn" kompaniýasynyň dolandyrýan ofislerine ýa-da desgalaryna getirmezligini üpjün etmeklerine.



Biz howpsuzlygy üpjün etmegiň berk medeniýetini ornaşdyrýarys, onuň çäklerinde zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk boýunça standartlaryň berjaý edilmegi we olar bilen tanyşlyk potratçy we üpjün ediji saýlanyp alnanda wajyp rol oýnaýar.



## 5. IŞE ÝERLEŞDIRMEGIŇ TEJRIBESI



Raýat jogapkärçiliginiň subýekti hökmünde, "Çalasyn" kompaniýasy Adamyň we raýatyň hukuklarynyň ählumumy deklarasiýasynda, "Zähmet çygrynda esasy ýörelgeler we hukuklar hakynda" Halkara zähmet guramasynyň Deklarasiýasynda we Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde kesgitlenilen adam hukuklaryna hormat goýýar we olary goldaýar. "Çalasyn" kompaniýasy özüniň potratçylaryndan we üpjün edijilerinden adam hukuklaryny goramagyň ýörelgelerini berjaý etmeklerini we iş ýerinde barabar mümkinçilikleri bermeklerine garaşýar. "Çalasyn" kompaniýasynyň potratçylary we üpjün edijileri işe ýerleşdirmegiň tertibini Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna we kadalaryna, Türkmenistanyň çäginden daşarda işleri amala aşyranda bolsa – bolýan ýurdunyň ulanylýan kanunlaryna we kadalaryna doly laýyklykda geçirmelidirler.

Hususan-da, olar şulara borçly:




- Hukuklaryny çäklendirmezden we bikanun kemsitmezden, iş ýerini üpjün etmek boýunça "Çalasyn" kompaniýasynyň borçnamalarynyň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmäge. Çünki biz medeni tapawutlary ykrar edýändigimiz we hormat goýýandygymyz üçin, kompaniýanyň potratçylary we üpjün edijileri işe kabul edenlerinde, öwezlik töleglerini tölänlerinde, okuwa, sylag almaga, öňe gitmäge ygtyýar berende, zähmet şertnamasyny ýatyranda ýa-da zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden çetleşdirende teniniň reňkiniň, milletiniň, gelip çykyşynyň, dininiň, ýaşynyň, fiziki mümkinçilikleriniň, jynsynyň, maşgala ýagdaýynyň, göwrelilik, kärdeşler arkalaşygynda agzalyk, harby borçlulyk ýa-da syýasy garaýyşlarynyň alamatlary boýunça hukuklaryň kemsidilmegine gatnaşmaly däl diýip biz hasap edýäris;
- "Çalasyn" kompaniýasyna degişli bolan, kärendesine alan ýa-da garamagyndaky ýerinde gadagan edilen serişdeleriň peýdalanylmagyny, eýelik edilmegini, ýaýradylmagyny we satylmagyny gadagan etmäge;

- "Çalasyn" kompaniýasyna degişli bolan, kärendesine alan ýa-da garamagyndaky ýerinde gadagan edilen ýaragy, howply we şikes howply närseleri götermegi gadagan etmäge;
  Diňe meýletin zähmeti ulanmaga. "Çalasyn" kompaniýasynyň potratçylary we üpjün edijileri tarapyndan gulçulyk, bendilik görnüşindäki mejbury zähmeti ýa-da tussaglaryň elgarama we tölegsiz zähmetini ulanmak gadagan edilýär;
- Iň kiçi zähmet ýaşy barada ähli kanunlary we kadalaşdyryjy-hukuk talaplaryny berjaý etmäge we çaga zähmetini düýbünden ulanmazlyga. Potratçylar we üpjün edijiler 16 ýaşyna ýetmedik adamlary işe kabul etmäge haky ýokdur, ýöne haçan-da şeýle işe kabul etmeklik kanunçylyk, kadalaşdyryjy-hukuk namalary we täjirçilik işini alyp barmagyň ahlak kadalary bilen rugsat berlen we göz öňünde tutulan bolsa we şol adamyň saglygyna hem-de maddy hal-ýagdaýyna zyýan ýetirmese. Biz ýaşlaryň okamagyna ýardam bermek üçin önümçilik tejribesiniň kanuny maksatnamalarynyň işlenilip taýýarlanylmagyny goldaýarys we şeýle gatnaşyklar ulgamlaryndan hyýanatçylykly peýdalanýanlar bilen hyzmatdaşlyk etmeýäris;



- Fiziki temmileri bermeklige ýa-da fiziki zorluklara gatnaşmazlyga. Fiziki zor salmak we temmi bermek, fiziki zor salmak haýbatyny atmak, jynsy gatnaşygyna ýa-da beýleki isleglere erjellik etmek we söz bilen kemsitmek ýa-da gorkuzmagyň özge görnüşlerini ulanmak düýbünden gadagan. Şeýle hem biz potratçylarymyzdan we üpjün edijilerimizden adamlar bilen medeniýetli we sylagly gürleşmeklerine tama edýäris;
- Paýhasly, delillendirilen we şertnama gatnaşyklarynda bellenilen zähmet hakyny tölemäge. Ähli işgärler özleriniň zähmet işine başlamazdan ozal we, zerur boldugyça, olaryň bütin iş döwrüniň dowamynda, zähmet haky böleginde işe ýerleşdirmegiň şertleri barada ýazmaça görnüşde düşnükli beýan edilen maglumat berilýär. Düzgün-nyzam temmi çäresi hökmünde zähmet hakyndan tutup alyp galmaga rugsat berilmeýär we düýbünden gadagan edilýär, diňe kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlardan başga. Ähli düzgün-nyzam çäreleri resminamalaşdyrylmalydyr. Standart senenama aýynda tölenýän zähmet haky we kömek puly, azyndan, Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde göz öňünde tutulan standartlara we özge kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna, Türkmenistanyň çäginden daşarda işleriň amala aşyrylan ýagdaýynda bolsa, bolýan ýurdunyň kanunlaryna we kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna we standartlaryna laýyk gelmelidir;



- Hereket edýän milli kanunçylykda bellenilenlere laýyklykda, işgärlerden zähmet sagatlarynyň gije-gündizdäki ýa-da hepdedäki maksimal sagatlaryndan köp işlemegi talap etmezlige. Iş wagtyndan daşary işiň meýletin häsiýete eýe bolmalydygyna we milli kanunçylygyň kadalaryna laýyklykda tölenmelidigine gözegçilik edýäris;
- "Çalasyn" kompaniýasy kärdeşler arkalaşygynyň düzümine girýän işgärler bilen paýhasly gatnaşyklary elmydama goldaýar we olaryň birleşmek azatlygyna bolan hukugyna hormat goýýar, şeýle hem köpçülikleýin şertnamalarynda aňladylan düzgünleri berjaý edýär;
- Işgär barada resminamalary bellenilen milli kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna laýyklykda saklamaga;
- Potratçylar we üpjün edijiler üçin bolup biljek talaba laýyk gelmeýän garamalar, hukuk kemsitmeleri, zorluklar, kanunçylygyň bozulmagy, şu Kodeksiň bozulmagy ýa-da özge ahlak kadalarynyň bozulmagy barada ýaşyryn we golsuz habar bermek üçin işgärler üçin içki tertipleri üpjün etmäge;
- Şeýle habarnamanyň islendigi boýunça haýal etmän we pugta derňewi geçirmäge we zerur bolsa düzediş çärelerini görmäge, şeýle hem "Çalasyn" kompaniýasy bilen şeýle derňewde hyzmatdaşlyk etmäge we "Çalasyn" kompaniýasynyň esasly talap edip biljek şeýle maglumaty "Çalasyn" kompaniýasyna bermäge;
- "Çalasyn" kompaniýasynyň şu Kodeksiň ähtimal bozulmagy barada meýletin habar berýän işgärlerine ýa-da işgärine görä jogap çärelerini görmezlige.

## 6. DURMUŞ WE EKOLOGIK JOGAPKÄRÇILIGINI ÜPJÜN ETMEGIŇ TEJRIBESI

"Çalasyn" kompaniýasy işgärleriniň ýaşaýan we işleýän ýeri bolan taslamasynyň ýerleşýän ýerine garamazdan, durmuş we ekologik jogapkärçilige ymtylýar. Biz kompaniýanyň obýektleriniň we taslamalarynyň jemgyýete, daşky gurşawa we howanyň üýtgemegine ep-esli täsir edip biljekdigine we "Çalasyn" kompaniýasynyň öz işiniň we biziň müşderilerimize berýän maslahatlarymyzyň kömegi bilen berlen meseleleri çözmekde möhüm rol oýnap biljekdigine düşünýäris. Biz ofislerimizde, önümçilik obýektlerimizde ýa-da taslamalarymyzda öňde baryjy standartlary işläp taýýarlamaklyga ymtylýarys we şu babatda biziň müşderilerimize kömek berýäris. Biziň şu gün edýän ähli zatlarymyz, gowy geljegiň döredilmegine ýardam etmelidir.



"Çalasyn" kompaniýasy biziň işewürlik amallarymyzyň we biziň müşderilerimiziň işewürlik amallarynyň daşky gurşawa täsirini azaltmak üçin daşky gurşawy goramagyň we energiýany sarp etmegiň, suwdan peýdalanmagyň we galyndylary dolandyrmagyň kabul ederlikli derejelerini öňe sürmek çygyrnda kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň talaplaryny berjaý etmek we artygy bilen ýerine ýetirmek arkaly, özüniň potratçylarynyň we üpjün edijileriniň durmuş we ekologik jogapkärçilige bolan ymtylmalaryny paýlaşmaklaryna garaşýar.

Şeýle hem biz potratçylarymyzdan we üpjün edijilerimizden olaryň durmuş gurşawyna täsiriniň azalmagyna, şeýle hem işgärlerine we olaryň işini alyp barýan umumy jemgyýetine goldaw bermeklerine garaşýarys.

## 7. ÜPJÜN EDIJILER WE POTRATÇYLAR ÜÇIN ŞU AHLAK KODEKSINIŇ BERJAÝ EDILMEGI



Potratçynyň we üpjün edijiniň wekilleriniň şu Kodekse düşünmeklerini we berjaý etmeklerini üpjün etmek, şeýle hem "Çalasyn" kompaniýasynyň gatnaşyk şahsyny ýa-da onuň wekilini häzirki pursatyň ýagdaýyna görä ýa-da geljekde Potratçy, üpjün ediji ýa-da onuň wekilleri tarapyndan Kodeksiň oňa mälim bolan ýa-da ähtimal bozulan halatlary barada mälim etmek potratçynyň we üpjün edijiniň borçlaryny girýär. "Çalasyn" kompaniýasynyň potratçylaryndan we üpjün edijilerinden olaryň şu Kodeksiň berjaý edilmegine özbaşdak gözegçilik etjekdikleri garaşylýar. Potratçy we üpjün ediji bilen ylalaşygyň esasynda "Çalasyn" kompaniýasynyň eýe bolup biljek özge hukuklardan başga, "Çalasyn" kompaniýasy özüni alyp barşy bikanun bolan ýa-da Işewürlik ahlagyna we özüňi alyp barmagyň Kodeksine, şu Potratçylar we üpjün edijiler üçin işewürlik ahlak Kodeksine ýa-da kompaniýanyň syýasatyna laýyk gelmeýän wekilini dessine işden boşatmagy talap edip bilýär.

### 7.1 Müşderileriň ahlak kodeksleriniň berjaý edilmegi



Eger potratçy ýa-da üpjün ediji "Çalasyn" kompaniýasy tarapyndan müşderiniň adyndan kabul edilse, biz potratçynyň we üpjün edijiniň müşderi tarapyndan göz öňünde tutulan ähli ulanylýan düzgünleri, syýasaty, tertipleri ýa-da özüňi alyp barmagyň kodeksleri berjaý etjekdigine garaşýarys, şol sanda eger olaryň talapalary şu Potratçylar we üpjün edijiler üçin işewürlik ahlak Kodeksiniň düzgünlerinden hem has berk bolsa. Eger-de siz müşderiniň düzgünleri Potratçylar we üpjün edijiler üçin işewürlik ahlak Kodeksiniň düzgünlerine ters gelýär diýip hasap etseňiz we nähili hereket etmelidigine ynamyňyz bolmasa, ýagdaýy özara kabul ederlikli ýagdaýda düzgünleşdirmek üçin, siziň kompaniýada esasy gatnaşyk şahsy we müşderi bilen hyzmatdaşlyk etjekdigiňiz çaklanylýar.

### 7.2 Täjirçilik işiniň üznüksizligini üpjün etmek we howply ýagdaýlary düzgünleşdirmek



Şertnamanyň käbir ulanylýan düzgünleriniň şertlerine laýyklykda, biz "Çalasyn" kompaniýasy tarapyndan çekilen her bir potratçyda we üpjün edijide tebigy betbagtçylyklar, enjamyň işindäki bibatlyklar, elektrik iýmitlendirişdäki bökdençlikler, terrorçylyk hereket, kiber hüjüm we ş.m. sebäpli dörän amallaýyn krizis halatynda hyzmatlaryň berilmegini zerur bolan derejede bermekligi dowam etmek üçin, täjirçilik işiniň üznüksizligini üpjün etmegiň gerekli meýilnamalaryň bardygyna garaşýarys. "Çalasyn" kompaniýasynyň talap etmegi boýunça, potratçy we üpjün ediji özüniň telekeçilik işiniň we howpsuzlyk ulgamynyň we maglumaty barlamagyň üznüksizligini üpjün ediş meýilnamasynyň elementlerini paýhasly jikme-jiklik bilen aýan edýär we ara alyp maslahatlaşýar.

### 7.3 Içerki barlag ulgamlarynyň we üpjün edijileriň hem potratçylaryň işiniň netijeliliginiň auditleri




Şertnamanyň käbir ulanylýan düzgünleriniň şertlerine laýyklykda, biz "Çalasyn" kompaniýasy tarapyndan çekilen her bir potratçynyň we üpjün edijiniň talap edilmegi boýunça hyzmat ediji gurama hökmünde potratçynyň we üpjün edijiniň barlag serişdeleri ýa-da amallaýyn netijeliligi babatda geçirilen audit boýunça hasabatyň nusgasyny berjekdigine garaşýarys. Umuman, her bir potratçynyň we üpjün edijiniň bize şu Kodekse laýyklygy barada maglumatlaryň delillendirilen ýüz tutmalaryna jogap berjekdigine garaşýarys, şol sanda kompaniýanyň ýa-da onuň müşderisiniň içerki audit toparlarynyň geçirýän auditynyň çäklerinde.

**7.4 Ýolbaşçylygyň hasabat bermekligi we jogapkärçiligi**

"Çalasyn" kompaniýasynyň potratçylary we üpjün edijileri ýokary gatlagyň ýolbaşçylarynyň içinden şu Kodeksiň berjaý edilmegi üçin jogapkärçilik çekjek wekili saýlamaly. Potratçynyň we üpjün edijiniň ýokary gatlagynyň ýolbaşçylary, şu Kodeksi berjaý etmek üçin zerur bolan prosesler we tertipler babatda özleriniň işgärleri we menejerleri üçin hödür edilýän önümiň ýa-da berilýän hyzmatyň kysymyna laýyklykda ýol berilýän çäklerde okuw maksatnamasyny utgaşdyrmaly we gözegçilik etmelidirler.



**7.5 Derňew edaralary bilen hyzmatdaşlyk we laýyklygyň auditleri**



“Çalasyn” kompaniýasy tarapyndan çekilen her bir potratçydan we üpjün edijiden biz “Çalasyn” kompaniýasynyň işgäriniň ýa-da potratçynyň we üpjün edijiniň işgäriniň gatnaşmagynda gelşiksiz ýa-da ahlaksyz özüni alyp barmagy barada arzasy babatda biziň ýa-da potratçynyň we üpjün edijiniň geçirip biljek islendik derňewiniň çäklerinde biz bilen hyzmatdaşlyk etjekdigine garaşýarys, eger-de arza “Çalasyn” kompaniýasyna ýa-da potratçynyň we üpjün edijiniň harytlary hödürleýän ýa-da hyzmatlary berýän onuň müşderisine degişli bolsa.

“Çalasyn” kompaniýasy biziň potratçylarymyzyň we üpjün edijilerimiziň şertnamalarda şu Kodeksiň ýörelgeleriniň berjaý edilmegini göz öňünde tutmalydygyny talap edýär. “Çalasyn” kompaniýasy potratçynyň we üpjün edijiniň şu Kodeksiň potratçy we üpjün ediji tarapyndan berjaý ediliş babatda goşmaça maglumaty bermeklerini talap edip biler. Mundan başga, “Çalasyn” kompaniýasy şu Kodekse laýyklygyny kesgitlemek üçin potratçylaryň we üpjün edijileriň barlagyny geçirmek hukugyny özünde galdyrýar we potrtaçylaryň we üpjün edijileriň “Çalasyn” kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygyň uzaldylmagyny üpjün etmek üçin audityň dowamynda akyla laýyk geljek çäklerde hyzmatdaşlyk etjekdiklerine garaşýar.

### 7.6 Şübheli özüňi alyp barmak barada ýa-da bolup biljek bozulmalar barada habar



Biz her bir potratçynyň we üpjün edijiniň şu Kodeksiň ähli bozulmalary barada "Çalasyn" kompaniýasyna wagtynda habar berjekdiklerine garaşýarys. Biz islendik şübheli işewürlik tejribesi ýa-da kadalaryň berjaý edilmegi babatda rahatsyzlyk barada "Çalasyn" kompaniýasyndaky özüňiziň esasy gatnaşyk şahsyňyza habar bermegi teklip edýäris. Ýöne "Çalasyn" kompaniýasy käbir halatlarda munuň mümkin däldigine ýa-da ýol berilmesizdigine düşünýär. Şu halatda + 99365070040 belgi boýunça ýüz tutmagyňyzy, cobe@chalasyn.com elektron salgy boýunça ýa-da kompaniýanyň web-saýtyna www.chalasyn.com. habar ugratmagyňyzy haýyş edýäris. telefon belgisi boýunça, görkezilen elektron salgy boýunça ýa-da biziň web-saýtymyzda galdyrylan habarlar soňraky derňew üçin "Çalasyn" kompaniýasynyň ahlak we işewürlik özüňi alyp barmagyň soraglary boýunça jogapkär menejere gös-göni ugradylýar. "Çalasyn" kompaniýasy maslahat üçin meýletin ýüz tutan ýa-da şübheli hereket ýa-da mümkin bolan bozulma barada habar beren şahs babatda temmileri ýa-da jogap çäreleriniň ulanylmagyny kabul etmeýär.

Biz şu syýasaty berjaý edýändigiňiz üçin size minnetdarlyk bildirýäris we ahlakly özüňi alyp barmagyň ýokary derejesiniň esasynda potratçylarymyzyň we üpjün edijilerimiziň ähli̇si bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga garaşýarys.

